# Sibirli Isa Mesih!

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sibirli Isa Mesih! SIBIRLI ISA MESIH!

Eýýäm 1994-nji ýyldan bäri Sibiriñ çola etraplarynyñ birinde ýaşaýan 58 ýaşly Sergeý Torop atly biri haça çüýleneninden iki müñ ýyl geçenden soñra, (oña ynananlaryñ pikiriçe) täzeden dünýä inen «Isa Mesih» hasaplanýar. Özüni Wissarion (wissioner, ýagny «gelejegi öñünden görýän weli») diýip atlandyran Torop goñşy posýoloklardan hem üýşen tarapdarlarynyñ öñünde Petropawlowskda wagyzlar bilen çykyş edýär. Ony höwes bilen diñlemäge gelýän adamlaryñ içinde dürli kärdäki intellektual adamlar bar. Hatda soñky iki ýylyñ dowamynda Russiýanyñ beýleki uly şäherlerinden, öñki Soýuz respublikalaryndan, Ýewropa ýurtlaryndan ony diñlemäge gelýänleriñ sany barha artýar.
Sungat işgärlerinden, artistlerden, dürli professional hünärde zähmet çekýän tanymal kişilerden jemlenen bäş müñden gowrak adamyñ ynanýan «Церковь последнего завета» sektasynyñ *(täsin ýeri ol esaslandyran sektasyny 2000-nji ýylyñ dekabrynda Russiýa Federasiýasynyñ Adalat ministrligine hasaba aldyrmagy-da başardy -H.T.)* ruhany ýolbaşçysyna öwrülen Toropyñ o diýen bir öwerlik, ýüze tutarlyk terjimehaly-da ýok. Birinji aýalyndan aýrylyşyp, ýaşajyk gyza öýlenen Sergeý Torop goşunyñ hataryndan çykarylandan soñ Sibiriñ Minusinsk diýen çaklañja posýologynda polisiýa edarasyna işe girdi. Baran ýerinde aýagy ýer tutmaýan Torop polisiýada-da işläp hezil bermedi. Kän wagt geçmänkä işden çykarylan Torop şol wagtlar özünde birdenkä ylahy güýjüñ oýanandygyny duýandygy barada her kese mälim etdi. Ol munuñ bilenem çäklenmedi. Sergeý Torop duýdansyz dörän ylahy güýç arkaly özüniñ adamzada gaýtadan parahatçylygy we asudalygy getirjek Isa Mesihdigine göz ýetirendigini öñe sürdi. Hamala, Hudaý ony ýer ýüzüne, adamzada uruşyñ elhençliklerini we tebigata ýetirilýän zyýany görkezmek üçin ýörite ugradanmyş. Adamzadyñ biri-birini äjit-mäjit bolup

gemrip başlandygy, tebigata öwezini dolup bolmajak zyýanlaryň ýetirilýändigi we munuň netijesinde Ýer togalagynyň klimatynyň tanalmaz derejede üýtgeýändigi *(gurakçylyklar, buzlaryň eremegi, tsunamiler, suw joşgunlary, tokaý ýangynlary, pasyllaryň üýtgemegi, käbir ösümlikleriň we haýwanlaryň ýitip-ýok bolup gitmegi we ş.m..)* hakykat. Muny Sergeý Toropsyzam hemmeler bilýär. Oňa mundan beýläk amal edip etmezligem adamzadyň öz ynsabyna galdy. Ýöne Sergeý Toropyň Hudaýtarapyn iberilip iberilmändigi we onuň «Mesihligi» jedelliligine galýar. Pygamberlik missiýasyny egnine almakdan birjik-de müýnürgemeýän Toropyň hütdüjek agaç jaýlarda ýaşaýan müritleri (şägirtleri) günde birnäçe gezek kakylýan buthana jaňlarynyň sesini eşden batlaryna edip oturan işlerini-de goýup gelýärler we «Mesihleriniň» öňünde dyza çöküp doga etmäge başlaýarlar. Kartalarda hem görkezilmedik kiçijik çola obanyň ýaşaýjylarynyň birentegi agaç jaýlarda ýaşaýar. Toropyň müňlerçe tarapdary Sibiriň aňzakly gyşyny «Mesihlerine» ýakyn ýerde geçirmek üçin Petropawlowskiniň golaý-goltumlaryna göçýär.
Toropyň müritleri barypýatan wegetarian. Bir gowy zady olar çilimdir spirtli içgilerdenem daşda. Täze «Mesihiň» bir üstünlikli artykmaçlygyna göz ýumup geçmek adalatsyzlyk bolardy: Hristian dininiň iň esasy baýramçylyklaryny (Pasha, Roždestwo we ş.m.), hatda hossarlarynyň patasyny-da spirtli içgiler bilen sowýan prawoslaw ruslary bular ýaly görnüşde terbiýeläp, spirtli içgilerden daşlaşdyryp biljek adam çykar diýilse hiç kim ynanmazdy. Muňa Toropyň öwgä mynasyp işi diýse bolar. Emma obanyň golaýyndaky dagda günde üç gezek jaň kakylanda toropçylaryň edip oturan işlerini taşlap gelip, onuň öňünde dyza çöküp doga okaýyşlaryny göreniňde welin, özüni «Isa Mesih» yglan eden adamyň kimdigine we düýp maksadyna düşünmek kyn…

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar